# IŞGÄRLERI ŞAHSY GORAG WE ÝUWUJY SERIŞDELER BILEN ÜPJÜN ETMEK BOÝUNÇA SYÝASATY (ŞGS)

Şu «Işgärleri şahsy gorag we ýuwujy serişdeler bilen üpjün etmek boýunça Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deňiz» HK-nyň (mundan beýläk - HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň iş ýerlerinde howply täsirlerden goramak, şikes almalaryň, hünär keselleriniň öňüni almak hem-de hapalanmalardan goranmak maksady bilen, HK-nyň işgärlerini şahsy gorag serişdeleri (ŞGS) bilen üpjün etmek arkaly, howpsuzlygy üpjün etmäge bolan garaýyşlaryny beýan edýär. Şeýle hem, bu serişdeler köpçülikleýin gorag ulgamynyň aýrylmaz bölegi we goşundysy bolup durýar.

«Syýasat» Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Zähmet kodeksi, Türkmenistanyň jemgyýetçilik iýmitiniň kärhanalary üçin, Sanitariýa-epidemiologiýa kadalary, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan bellenilen Nusgawy pudaklaýyn kadalary hem-de HK-nyň Zähmeti goramagyň dolandyryş ulgamy (ZGDU) tarapyndan düzgünleşdirilýär.

«Syýasat» HK-nyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen tassyklanan kadalaryň esasynda, zähmet şertleriniň ýörite bahasynyň netijelerini hem-de hünär töwekgelçilikleriniň we howplarynyň seljermesiniň netijelerini nazara almak bilen işlenip düzülen, tassyklanan we «Arassa Deňiz» HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirilen, «Işgärleri şahsy gorag we ýuwujy serişdeler bilen üpjün etmek prosedurasy» (ŞGS) laýyklykda amala aşyrylýar.

**«Syýasatyň» altyn düzgünleri:**

- **HK-nyň ähli işgärleri bellenilen tertipde berlen ŞGS-leri bolmazdan, ŞGS näsaz, bejerilmedik we hapalanan bolsa işe goýberilmeýärler, şeýle hem bellenilen tertipde berlen ŞGS-leri ulanmadyk ýagdaýynda işden çetleşdirilýärler;**
- **HK-nyň işgäri işleri ýerine ýetirmekden ýüz öwürmäge haklydyr, sebäbi bellenilen tertipde ŞGS-ler bilen üpjün edilmän işleriň ýerine ýetirilmegi, işgäriň janyna we saglygyna howp salyp biler;**
- **HK-nyň işgäri bellenilen kadalara laýyklykda, şahsy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün edilmedik ýagdaýynda, HK işgärden zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi talap etmäge hakly däldir we şu sebäpli, ýüze çykan boş durmalar (prostoý) üçin, töleg tölemäge borçludyr;**
- **Eger HK-nyň işgäri özüne ýa-da kärdeşlerine ulanmak üçin berlen ŞGS-leri bilgeşleýin, ýörite belli bir sebäplere görä, ulanmaga ýaramsyz ýagdaýa getirse (ýyrtsa, zaýalasa, kesse, hapalasa we ş.m.), bu hereketler bilgişleýin we Iş berijiniň emlägine zeper ýetirmek hökmünde garalýar. Bu hereketler üçin işgär Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çeker.**

**«Syýasatyň» amala aşyrylmagy şularyň üsti bilen gazanylýar:**

- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen talaplaryň we kadalaryň, şeýle hem çözgüdiň kanunçylyk ýa-da kadalaşdyryjy namalar bilen düzgünleşdirilmedik meseleler boýunça, hususy dolandyryş resminamalarynyň berjaý edilmegi;
- HK-nyň ähli işgärleriniň, hiç hili kadasyz, hökmany sertifikasiýadan geçen ŞGS-ler bilen mugt we wagtynda üpjün edilmegi;
- HK-nyň işgärleriniň janyny we saglygyny iş ýerindäki zyýanly we howply faktorlardan, şeýle hem hapalanmalardan goramagyň zerur derejesini üpjün edýän ŞGS-leriň işgärlere berilmegi;

- HK-nyň işgärleri üçin täze howplary ulanylan wagtynda döretmeýän (mysal üçin, görüjiligi çäklendirýän ýa-da toksiki bolmak) ŞGS-leriň işgärlere berilmegi;
- HK-nyň her bir işgäri üçin, düşnükli dilde ýazylan gözükdirme we hökmany aýdyň belgileme (markirowka) bilen üpjün edilen ŞGS-leriň berilmegi;
- Işgärleriň jynsyna, antropometrik ölçeglerine (boýuna), şeýle hem bellenilen kadalara we standartlara laýyk gelýän ŞGS-leriň berilmegi;
- ŞGS-leriň guratlygyny we işe ýaramly ýagdaýyny üpjün etmek, şol sanda olaryň yzygiderli we wagtynda arassalanmagyny, ýuwulmagyny, dezinfeksiýa edilmegini we bejerilmegini üpjün etmek;
- Ulanmagyň kadalaşdyryjy möhleti gutarmanka ýaramasyz bolan, bitewüligini ýa-da gorag häsiýetlerini ýitiren, zaýalanan, ýitirilen ýa-da belli bir saklanylýan ýerinden ýiten ŞGS-leri täzeleri bilen wagtynda çalşyrmak;
- Ulanyş möhleti ýa-da kadalaşdyryjy ulanyş möhleti geçen ŞGS-rini ulanmazlyk;
- HK-nyň işgärleri tarapyndan ŞGS-leriň dogry (niýetlenilişi boýunça) ulanylyşyna gözegçiligi üpjün etmek;
- ŞGS-leriň bellenilen möhletlerde berilmeginiň we ulanyşdan çykarylmagynyň, şeýle hem kadalaşdyryjy ulanyş ýa-da ulanyş möhleti geçenden soň ýa-da möhletinden öň hatardan çykan ýagdaýynda, ŞGS-leriň wagtynda yzyna gaýtarylmagynyň hasabatyny we gözegçiligini özbaşdak guramak;
- HK-nyň işgärlerine degişli bolan ŞGS-leri we olaryň tabşyrylyş usullary we saklanyş şertleri, şeýle hem iş wagtyndan daşary ŞGS-leriň işgärleriň ýanynda saklanan ýagdaýyndaky jogapkärçiligi barada habar bermek;
- Amaly endikleri, işe ýaramlylygyny we guratlygyny barlamagyň iň ýönekeý usullary baradaky bilimleri, olardan talap edýän ŞGS-leri ulanmagyň düzgünleri barada, HK-nyň işgärlerine okuwlary, gözükdirmeleri we habar bermegiň beýleki usullaryny öz wagtynda geçirmek;
- Zähmet şertleriniň ýörite bahasyny hem-de hünär töwekgelçilikleriniň we howplarynyň seljermesini yzygiderli we wagtynda geçirmek;

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň<br>Baş direktory | M.W. Şwydko | ______________ | «10» noýabr 2025 ýyl |
|---|---|---|---|
| (wezipesi) | (F.A.A.a.) | | (sene) |